# Osmanly döwleti üçin çagasyny satan ene

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Osmanly döwleti üçin çagasyny satan ene OSMANLY DÖWLETI ÜÇIN ÇAGASYNY SATAN ENE

*Osmanly döwleti üçin çagasyny satan päkistanly ene… Geñ gerek?! Bir ene nädip mährine doýmadyk gundagda ýatan bäbegini alaga-da satar goýberer?! Aşakdakylary okamazdan öñ «eger men bolsam haýsy sebäp bolaýanda-da çagamy satardymmy?» diýip pikir edip görüñ. Bilýän, hiç bir ýagdaýda ylalaşmarsyñyz. Şeýle-de bolsa, çagasyny satan päkistanly enäniñ gussaly hekaýatyny okap görüñ.*

- **Osmanly üçin janyny orta goýan Päkis tan**

Osmanly döwletiniñ ahyrky ýyllary… Häzirki Türkiýäniñ taryhynda aýratyn sahypa eýeleýän Çanakkale söweşiniñ ykbal kesgitleýji sahnalarynyñ bolup geçýän döwründe Päkistanyñ Lahor şäheriniñ iñ üýşmeleñli ýerinde köpçülikleýin miting geçirilipdir.
Miting Çanakkale bogazynda ýewropaly basybalyjylara garşy watanyny goraýan osmanlylara garşy maddy ýardam we meýletinçi toplamak maksady bilen geçirilipdir. Garamaýak halk öñem zordan gününi görýändigine garamazdan elindäki-ujundaky barjasyny – gulaklaryndaky gulakhalkalary sypyryp, barmaklaryndaky ýüzükleri çykaryp, öýlerindäki derege ýarar ýaly goş-golamlary satyşdyryp toplan pullaryny orta üýşüripdirler. Ine-de, münbere meşhur şahyr Muhammet Ykbal çykypdyr. Söz sözlände özüne erk edip bilmän aglan şahyryñ agysyna duranlaryñ ählisi aglapdyr. Birwagtlar şöhratly türkmen soltany Mahmyt Gaznalynyñ yslam bilen nurlandyran topragynda doga üçin açylan eller Osmanly üçin, Çanakkaledäki

gardaşlary üçin asmana galypdyr. Märekáden öňe saýlanyp çykanlaryň käbiri elindäki iň soňky kör-köpügini-de berýändigini az görýän ýaly, meýletinçileriň hatarynda fronta ýazylypdyr.

- **Çagasyny satan päkistanly ene**

Bularyň ählisi bir ýana. Sessiz-üýnsüzje bolup geçen başga bir waka märekäniň ýürek-bagryny paralapdyr. Dost-doganlyk diýilýän zat hem ynha, şu bolsa gerek:
Magşar meýdanyna dönen mitinge gujagy bäbekli gelen bir dul aýal adamsy täze ýogalansoň bermäge zady bolmandyr. Eli ýukalygyna kemsinmeden ýaňa utanjyna ýere girjek naçar aýal birdenkä adamlaryň arasyndan çykyp, nirädir bir ýere tutdurýar. Barybam bir baý adamyň gapysyny kakýar. Ol baýyň hyzmatkärlerine hojaýyny çagyrmaklaryny haýyş edýär. Hyzmatkärler ony dilegçidir öýdüp diňlemegem islemändirler. Emma aýal aýak diräp duransoň, bialaç hojaýyny çagyrmaly bolýarlar. Baý ondan näme üçin gelenligini sorapdyr. Dul aýal: «Bäbejigimi saňa sataýsam diýýärin» diýip jogap beripdir. Şol wagtlar hyzmatkär bolmaga ýaraýjak kiçijik çagalar satylýan eken. Ýöne edil bäbejikkä çagasyny satýana ilkinji gezek gabat gelen baý ondan näme sebäpli janyndan eý görýän jigerbendini satmakçy bolýanyny sorapdyr. Sorasa-da sorapdyr welin, baý ondan dogry jogap alyp bilmändir.
Baý çagany satyn alsa-da alýar, ýöne aýala puluny berensoň hyzmatkätlerine ony assyrynlyk bilen yzarlamagy tabşyrýar. Puluny eline alan aýal ýaňky mitingiň bolýan ýerine eňýär. Gelşine-de elindäki puly iň soňky teňňesine çenli sanap ortadaky üýşmek pula oklaýar. Hyzmatkärler gelip bolan ýagdaýy hojaýynlaryna habar berýär. Näme diýjegini bilmän galan baý aýaly tapyp getirmeklerini buýurýar. Ýaňky görgülini tapyp getirýärler. Baý:
– Sen aýtmasaňam, men seniň yzyňa adam saldym, menden alan pullaryňy türklere ugratmak üçin ýygnalýan pula goşandygyňy anykladym. Gaýrat et-de, sen indi maňa näme üçin çagaňy satanyňy aýt – diýýär.

Ähli musulman ymmatyna watansöýüjiligiñ nusgasy bolmaga mynasyp bu merdana aýal şonda şeýle jogap beripdir:
— Häzir sen «Osmanlylara ugradyljak bir ýarag üçin heniz ysyndan doýmadyk çagañy näme üçin satdyñ» diýýänsiñ, şeýlemi? Osmanly güýçden gaçany bäri alkymymyza dykylyp gelen iñlisleriñ eden-etdiliklerini, zulumlaryny görüp dursuñ. Ýañy Muhammet Ykbal: «Eger Osmanlynyñ iñ soñky galasy Çanakkale elden gitse, halyflygam elden gider we şuña gowy düşüniñ: gezek bize geler» diýdi. Eger iñlisler bärik gelse biziñ namysymyza el uzadarlar, baýdagymyz aýak astyna alynar. Mukaddes watan topragy duşmanyñ pis aýaklarynyñ astynda depgilenensoñ, çagam boldy nä, bolmady nä?!. Ynha, men şonuñ üçin satdym balajygymy. Goý, ol iñlisleriñ guly bolanyndan siziñ hyzmarkäriñiz bolsun!

@ Kitapçylar. Geň-taňsy wakalar